# Gözel halyçam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gözel halyçam GÖZEL HALYÇAM

Ülkäm öwşün atýar seniñ ýüzüñde,
Nagşyña döneýin, gözel halyçam.
Çekiji magnit bar seniñ özüñde,
Sungatyñ şasy sen, gözel halyçam.

Her bir nagşyñ gelinbarmak yzydyr,
Ýok, barmak däl, ýüreginiñ özüdir.
Her bir gölüñ göýa şalañ gözüdir,
Janlara jan goşýan, gözel halyçam.

Seniñ şöhläñ dumly-duşa saçylýar,
Seni gören çökgün göwün açylýar,
Gölünde göýä meý, şerap içilýär,
Gerk-gäbe gandyrýan, gözel halyçam.

Gizlin syryn öñşün atyp ýatanda,
Her göwün gobsunýar saña ýetende,
Dünýäñ her künjünde, her bir çetinde,
Türkmen keşbin berýän, gözel halyçam!

1948.

Berdi KERBABAÝEW Goşgular